TASSYKLAÝARYN
Türkmen döwlet maliýe
institutynyň rektory
B.M.Taňryberdiýew
"4" mart 2025ý.

**Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy hem-de
"Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly" mynasybetli
Türkmen döwlet maliýe institutynyň guramagynda ýurdumyzyň
ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda
"Taýýarlygyň ugry boýunça iňlis dili" dersinden onlaýn
test bäsleşigini geçirmek hakynda**

# DÜZGÜNNAMA

Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasyna we ony durmuşa geçirmegiň Meýilnamasyna laýyklykda, talyp ýaşlaryň daşary ýurt dillerine bolan höwesi artdyrmak maksady bilen, ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy hem-de "Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly" mynasybetli "Taýýarlygyň ugry boýunça iňlis dili" dersinden onlaýn test bäsleşigini guramak we geçirmek üçin şu Düzgünnama işlenilip taýýarlandy.

## I. Umumy düzgünler

1. Türkmen döwlet maliýe institutynyň guramagynda ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda geçirilýän **"Taýýarlygyň ugry boýunça iňlis dili"** dersinden onlaýn test bäsleşiginiň Düzgünnamasy bäsleşigiň esasy maksadyny, wezipesini, guralyş tertibini, netijelerini bahalandyrmagyň we jemlemegiň düzgünlerini kesgitleýär.
2. Daşary ýurt dillerini bilmegiň özi maglumat tehnologiýalaryndan erkin peýdalanmaga, şahsyýetiň intellektual derejesiniň ýokarlanmagyna ýardam edýär. Türkmenistanda daşary ýurt dillerini öwrenmegiň ösüş depgini ýurdumyzyň sebit we dünýä möçberindäki taslamalara işjeň gatnaşmagy bilen gös-göni baglanyşyklydyr. Şundan ugur alnyp, bilim ulgamynyň ähli basgançaklarynda daşary ýurt dilleriniň okadylyşyny kämilleşdirmek üçin zerur şertler döredilýär.
3. Ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň arasynda onlaýn bäsleşiklerini geçirmek ýaşlaryň taryhymyzy, milli mirasymyzy daşary ýurt dillerinde öwrenmeklige bolan höweslerini artdyrýar we innowasion tehnologiýalary ulanmak babatynda ukyp-başarnyklaryny ýokarlandyrýar.
4. Bäsleşigiň Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy hem-de "Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly" mynasybetli bagyşlanyp geçirilmegi, ýurdumyzda halkara derejesinde alnyp barylýan işleri dünýä ýaýmaga hem-de Türkmenistanyň okgunly ösýän bazar ykdysadyýetinde innowasion

tehnologiýalary ulanmaga we giň dünýägaraýyşly, zehinli ýaşlary ýüze çykarmaga ýardam eder.

## II. Bäsleşigiň maksady we wezipeleri

Bäsleşigiň geçirilmegi ýurdumyzda daşary ýurt dillerini özleşdirmegiň usullaryny ösdürmegiň wezipelerini, kadalaryny we halkara tejribesini öwrenmekde giň dünýä garaýyşly hem-de zehinli ýaşlary ýüze çykarmaga ýardam eder.

Bäsleşigiň maksady:

- talyplaryň döredijilik başarnyklaryny ýüze çykarmak, ukyplaryny artdyrmak;
- talyplaryň iňlis dilinde pikirlenip bilmeklerini we okan eserlerine doly düşünmeklerini maksat edinmek bilen, kitap okamaga bolan gyzyklanmalaryny artdyrmak;
- milli mirasymyzyň gymmatlyklaryny düýpli öwrenmek we dünýä ýaýmak;
- ýurdumyzda bolup geçýän dünýä nusgalyk işler barada täze düşünjeleri we garaýyşlary daşary ýurt dillerinde düşündirip bilmek ukybyny ösdürmek.

Bäsleşigiň wezipesi:

- talyplaryň häzirki zaman tehnologiýalary ulanmak arkaly döredijilige bolan gyzyklanmany artdyrmak;
- zehinli we ukyply ýaşlary ýüze çykarmak, olaryň intellektual derejelerini ýokarlandyrmak;
- dünýäniň köp ýurtlarynyň tanymal ylmy merkezleri bilen gatnaşygy ýola goýmak tejribesini öwrenmek.

## III. Bäsleşigi geçirmegiň tertibi

1. Ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda “Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly” mynasybetli **“Taýýarlygyň ugry boýunça iňlis dili”** dersinden onlaýn test bäsleşigini guramak we geçirmek boýunça umumy ýolbaşçylygy amala aşyrmak üçin Türkmen döwlet maliýe institutynyň professor-mugallymlaryndan ybarat bolan Guramaçylyk topary döredilýär. Guramaçylyk topary ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda bu onlaýn test bäsleşigini geçirmegiň esasy ýörelgelerini kesgitleýär hem-de ony guramak we geçirmek boýunça guramaçylyk işlerini alyp barýar.
2. Onlaýn test bäsleşigini **2025-nji ýylyň 18-njy aprelinde** geçirmek meýilleşdirilýär.
3. Bäsleşik iňlis dilinde geçirilýär. Türkmen döwlet maliýe instituty tarapyndan onlaýn test görnüşinde geçiriljek bäsleşigine her ýokary okuw mekdebiniň talyplarynyň 5-siniň gatnaşmagyna rugsat berilýär. Gatnaşjak talyplar we olara ýolbaşçylyk etjek mugallymlar baradaky maglumatlar şu Düzgünnamanyň Goşundysyna laýyklykda, **2025-nji ýylyň aprel aýynyň 10-na çenli** bäsleşigi guraýan Türkmen döwlet maliýe institutynyň Guramaçylyk toparynyň garatayewaguljan83@gmail.com elektron poçtasyna ugradylmaly.

4. Bäsleşige hödürlenýän test soraglary 50 soragdan we her bir sorag 4 sany jogapdan ybarat (jogaplaryň biri dogry) görnüşde taýýarlanar. Her bir dogry jogaba 2 ball berilýär. Testi işlemekligiň dowamlylygy 50 minut.
5. Bäsleşige gatnaşýan talyp test soraglaryny özbaşdak işlemelidir. Bäsleşigiň dowamynda bäsleşige gatnaşýan talyplara beýleki talyplar bilen maslahat etmek, kitap we beýleki maglumat göteriji serişdelerden peýdalanmak gadagandyr.
6. Bäsleşigiň dowam edýän wagtynda düzgüni bozan talyp bäsleşige gatnaşýanlaryň hataryndan çykarylar.
7. Bäsleşige gatnaşýan talyplaryň işleriniň netijesi boýunça düşünişmezlik ýüze çykan ýagdaýynda talyplara ýolbaşçylyk edýän mugallym guramaçylyk-bahalandyryş toparyna arz-şikaýat bilen elektron poçta arkaly ýüz tutup biler: garatayewaguljan83@gmail.com
8. Arz-şikaýat ýüz tutmalar guramaçylyk-bahalandyryş topary tarapyndan seredilýär we ahyrky netijäni toparyň başlygy kesgitleýär, onuň ahyrky çözgüdi kabul edilýär.

## IV. Bäsleşigiň netijelerini jemlemek we sylaglamak

1. Bäsleşigiň netijeleri testler boýunça toplanan ballara laýyklykda, şahsy orunlar kesgitlener.
2. Bäsleşige gatnaşýan talyplaryň işlerini bahalandyrmak üçin döredilen topar tarapyndan bahalandyrylan talyplaryň işleriniň netijeleri Türkmen döwlet maliýe institutynyň tdmai.edu.tm resmi internet sahypasynda ýerleşdiriler.
3. Bäsleşigiň netijesinde ýeňiş gazanan talyplara Türkmen döwlet maliýe instituty tarapyndan I, II we III derejeli Diplomlar gowşurylar.


***Habarlaşmak üçin:***
***+99363229701 – Güljan Garataýewa;***
***+99362438778 - Dilber Mudarowa***
garatayewaguljan83@gmail.com

*Goşundy*

**Türkmen döwlet maliýe institutynyň guramagynda ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda “Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly” mynasybetli “Taýýarlygyň ugry boýunça iňlis dili” dersinden geçiriljek onlaýn test bäsleşigine**

____________________________________________________________

**(ýokary okuw mekdebiň ady)**

**gatnaşýan talyplaryň we olaryň ýolbaşçy mugallymynyň**

## MAGLUMATY

| № | Bäsleşige gatnaşýan talyplar | | | Ýolbaşçy mugallym | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Familiýasy, ady, atasynyň ady | Hünäri (taýýarlyk ugry) | Okaýan ýyly | Familiýasy, ady, atasynyň ady | Alymlyk derejesi | e-poçtasy | Habarlaşmak üçin telefonlar |
| 1 | | | | | | | |
| 2 | | | | | | | |
| 3 | | | | | | | |
| 4 | | | | | | | |
| 5 | | | | | | | |